# Halyma hatyn

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Halyma hatyn TARYHY ŞAHSYÝETLER -6:




▶ **HALYMA HATYN**
*Seljukly melikesi Halyma hatyn Ärtogrul Gazynyñ başdaş aýalydyr. Halyma hatyn Ärtogruldan üç ogul dünýä inderipdir. Onuñ «Direliş. Ärtogrul» teleserialyndaky dört sezonlyk obrazyny aktrisa Esra Bilgiç janlandyrdy. Halyma hatynyñ obrazy bilen fenomenleşen Esra Bilgiç belli futbolçy Gökhan Töräniñ aýalydyr. Ady agzalan teleserialda «Direlişiñ» muşdaklarynyñ gözlerini çygjardan Halyma hatynyñ ölüm sahnasy kömleriñ ýadyndadyr.*
*Pygamberimizi (s.a.w) emdiren ene Halymanyñ adyny göterýän Halyma hatyn kim bolupdyr? Haçan we nirede aradan çykypdyr?*

*Geliñ, ýaşlar tarapyndan internetde iñ köp jogaby agtarylýan bu sowallara gysgaça jogap bermäge synanyşalyñ.*

■ **Halyma hatyn kim bolupdyr?**

Halyma hatyn Osmanly türkmen döwletini esaslandyran Osman Gazynyñ ejesi we Ärtogrul Gazynyñ aýalydyr. Ol tä ölýänçä adamsy Ärtogrul begiñ ýanyndan aýrylmandyr. Sawçy beg, Gündiz Alp, Osman Gazy atly üç ogly terbiýeläp ýetişdiripdir.
Halyma hatyn hakynda biziñ günlerimize kän maglumatlar gelip ýetmese-de, onuñ 1281-nji ýylda aradan çykandygy we adamsydyr ogullarynyñ gapdalynda ýatandygy mälimdir. Onuñ kümmeti häzir Bilejik-Söwütdedir.

@ Kitapçylar. Zenan şahsyýetler